**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**– Ýokary sportda Türkmenistany dünýä tanatmak meniň esasy maksatlarymyň biridir.**

# TALYP SPORTY

Aprel, 2025 ý. № 04 (20)

Talyp ýaşlaryň jemgyýetçilik-syýasy we ylmy-publisistiki neşiri

Esaslandyryjysy – Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty




## SPORT – PARAHATÇYLYGYŇ ILÇISI

☑ Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň paýhasly alyp barýan köptaraply işleri netijesinde ýurdumyzyň paýtagty ýokary derejeli sport ýaryşlaryny geçirmek üçin ähli zerur şertleri özünde jemleýän, dünýä sportunyň okgunly ösýän merkezi hökmünde halkara giňişliginde uly abraýa eýe bolýar Türkmenistanyň başlangyjy boýunça 3-nji iýunyň «Bütindünýä welosiped güni» diýlip yglan edilmegi, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek», «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnamalaryň kabul edilmegi, 2024-nji ýylyň 24-nji maýynda Aşgabatda geçirilen GDA-nyň Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisiniň çäklerinde Aşgabadyň «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýlip yglan edilmegi we Aziýanyň Tennis federasiýasy tarapyndan Aşgabat şäherindäki Olimpiýa şäherçesiniň Tennis toplumynyň «Tennis boýunça Aziýa sebitiniň okuw-türgenleşik merkezi» diýlip yglan edilmegi sport jemgyýetçiligi tarapyndan ýurdumyza bildirilýän uly ynamyň, bedenterbiýäni we sporty ösdürmek, wagyz etmek, bu ulgamda halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak ugrundaky tagallalaryň ykrar edilýändigine şaýatlyk etdi.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda BMG-niň Nýu-Ýorkda ýerleşýän ştab-kwartirasynda ýaýbaňlandyrylan «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» ýurdumyzyň alyp barýan dünýä ähmiýetli sport syýasatynyň uly goldawa eýe bolmagynyň aýdyň nyşanydyr. Mälim bolşy ýaly, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň 107-nji plenar mejlisinde ýurdumyzyň başlangyjy esasynda «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnama biragyzdan kabul edilipdi.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň dünýäde sportuň ygtybarly ösýän ýurdudygyna aýdyň şaýatlyk edýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe paýtagtymyzdaky Olimpiýa şäherçesindäki halkara standartlara laýyklykda gurlan desgalarda halkara ýaryşlarynyň sport ýaryşlarynyň birnäçesi örän ýokary guramaçylykly geçirildi. 2017-nji ýylda paýtagtymyzda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlaryna Aziýa we Okeaniýa döwletleriniň 62-sinden türgenleriň 5 müňden gowragy gatnaşdy. 2018-nji ýylda gadymy Beýik Ýüpek ýolunyň ugry boýunça «Amul — Hazar 2018» halkara awtorallisi, Agyr atletika boýunça dünýä çempionaty guraldy. 2023-nji ýylyň iýunynda paýtagtymyz 12 ýaşa çenli oglan-gyzlaryň arasynda tennis boýunça toparlaýyn Merkezi Aziýa çempionatynyň ikinji gezek geçirilen ýeri boldy. Bu ýaryşda 6 ýurtdan — Türkmenistandan, Owganystandan, Gazagystandan, Gyrgyzystandan, Özbegistandan, Täjigistandan ýaş türgenler bäsleşdiler. Şol ýylyň noýabr aýynda bolsa Olimpiýa şäherçesiniň Başa-baş söweş sungaty sport toplumynda Kuraş boýunça XIV dünýä çempionaty guraldy. Oňa dört yklymyň 45 ýurdundan türgenler gatnaşdylar. Mälim bolşy ýaly, hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy belenilýän, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 23-25-nji aprelinde mermer paýtagtymyzda sportuň milli we guşakly alyş göreşi boýunça halkara ýaryşy üstünlikli geçirildi. Oňa Ýewropa we Aziýa ýurtlarynyň 13-sinden ezber türgenler gatnaşdylar. Aşgabatda geçirilen bu halkara ýaryşynda ildeşlerimiz ýaryşyň maksatnamasynyň iki görnüşiniň jemleri boýunça 12 altyn, 10 kümüş we 6 bürünç — jemi 28 medal gazandylar. Türgenlerimiziň bu üstünligi ýurdumyzda sporty ösdürmäge berilýän ägirt uly ünsüň netijesidir. Halkara ýaryşa gatnaşan milli ýygyndy toparymyzyň düzümine institutymyzyň owkalaýjy we sport psiholog talyp ýaşlary hem wekil hökmünde gatnaşdylar. Olaryň ýerine ýetiren hyzmatlary Milli ýygyndymyzyň türgenleriniň üstünlikli çykyş etmeklerini we ýaryşyň ýokary guramaçylykly geçirilmegine mynasyp goşant goşdy. Ýokary okuw mekdebimiziň «Ýaş sport tehnologlary» ylmy gurnagy tarapyndan işlenilip düzülen programma üpjünçiligi halkara ýaryşynyň sanly dolandyrylyşyny üpjün etmek, duşuşyklaryň wagtyny, utuklaryň hasabyny, duýduryşlary, ýeňiş netijelerini anyk hem-de takyk görkezmek üçin peýdalanyldy.

Sport çärelerine baý aýlaryň biri bolan aprel aýynda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda geçirilen «Sport – parahatçylygyň ilçisi» atly sanly ulgam arkaly halkara ylmy-amaly maslahaty Hormatly Prezidentimiziň, Gahryman Arkadagymyzyň sport diplomatiýasy arkaly halkara hyzmatdaşlygyny, dost-doganlygy, ynanyşmagy we parahatçylygy pugtalandyrmak maksady bilen guraldy. Maslahata dünýäniň 10 sany döwletinden, şeýle hem ýurdumyzdan ylym-bilim, sport ulgamynyň wekilleri, professor-mugallymlar, alymlar, tälimçiler işjeň gatnaşyp, häzirki zaman sportunyň we sport babatdaky hyzmatdaşlygyň ýetilen ýokary derejeleri barada ylmy nutuklar bilen çykyş etdiler. Şu ýylyň 24-27-nji apreli aralygynda Türkiýäniň Antalýa şäherinde geçirilen XIX FIEPS Ýewropa kongresi bedenterbiýe we sport ylymlary ugrundaky täze çemeleşmelere, ylmy tejribelere hem-de ýaş hünärmenleriň taýýarlanylmagyna gönükdirilendir. 2025-nji ýylyň 17-nji fewralynda diplomatik ýollar arkaly Halkara bedenterbiýe federasiýasynyň Ýewropa kongresiniň guramaçylyk toparyndan ýokary okuw mekdebimize ýollanan resmi çakylyk haty esasynda halkara ylmy-amaly maslahatyň gün tertibine Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutyndan ylmy çykyşlaryň girizilmegi buýsandyryjydyr. Bu ýagdaý ýokary okuw mekdebimiziň «Olimp» ylmy-usuly merkezinde alnyp barylýan ylmy-barlag işlerine halkara ylmy jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çekmegine, bu merkeziň Ýewraziýa Sport ylymlary bileleşigi tarapyndan geljekde halkara akkreditasiýasyny geçmegine giň ýol açdy.

Eziz Diýarymyzda berk bedenli, sagdyn ruhly, döwrebap bilimli nesilleri terbiýeläp ýetişdirmäge, bedenterbiýäni we sporty ösdürmäge giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Hormatly Prezidentimiziň janlary sag, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli tutumly işleri rowaç bolsun!

**Hydyr NUNNAÝEW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň rektory,**
**pedagogika ylymlarynyň kandidaty.**







# SPORT AÝYNYŇ ŞANYNA HALKARA YLMY-AMALY MASLAHATY

☑ 2025-nji ýylyň 4-nji aprelinde ýurdumyzyň sport ulgamynyň bilim ojagy bolan Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda «Sport – parahatçylygyň ilçisi» atly sanly ulgam arkaly halkara ylmy-amaly maslahaty ýokary guramaçylyk derejesinde geçirildi. Bu halkara derejeli ylmy forum Hormatly Prezidentimiziň, Gahryman Arkadagymyzyň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatynyň çäklerinde halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek, sport arkaly halklaryň arasynda dost-doganlygy, ynanyşmagy we parahatçylygy pugtalandyrmak maksady bilen guraldy. Maslahata Özbegistandan, Türkiýe Respublikasyndan, Russiýa Federasiýasyndan, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan, Rumyniýadan, Gazagystan Respublikasyndan, Belarus Respublikasyndan, Azerbaýjandan, Gyrgyz Respublikasyndan hem-de Ermenistan Respublikasyndan, şeýle hem ýurdumyzdan ylym-bilim, sport ulgamynyň wekilleri, professor-mugallymlar, alymlar, tälimçiler işjeň gatnaşdylar. Daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň, sport ugurly ylmy-barlag edaralarynyň ýolbaşçylary, professor-mugallymlary, bedenterbiýe we sport ulgamynyň hünärmenleri hem-de talyp ýaşlary, şeýle hem, Bedenterbiýe we sport uniwersitetleriň halkara birleşiginiň, Ýewraziýa sport ylymlary birleşiginiň ýolbaşçylar düzüminiň wekilleri maslahatda sanly ulgam arkaly çykyş etdiler.

Watanymyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygyna beslenýän «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda» geçirilen halkara ylmy-amaly maslahatyň dowamynda sportuň jemgyýetde parahatçylyk, dostluk, ynsanperwerlik ýörelgelerini berkitmekdäki ornuna, ýaşlaryň beden we ruhy taýdan kämilleşmegine ýetirýän täsirine, sport diplomatiýasynyň häzirki zaman ösüşine degişli giň göwrümli ylmy çykyşlar diňlenildi. Çykyşlarda halkara tejribeler paýlaşyldy, ylmy barlaglaryň netijeleri, innowasion çemeleşmeler we täze garaýyşlar beýan edildi.

Maslahatyň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegi oňa gatnaşan halkara hyzmatdaşlarynyň hem-de ýurdumyzyň ylym-bilim, sport ulgamynyň wekilleriniň beren ýokary bahasyna mynasyp boldy. Şeýle ylmy duşuşyklar ýurtlaryň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklarynyň, parahatçylygyň we ynanyşmagyň dabaralanmagyna uly itergi berýär.

Maslahatyň jemleri ýurdumyzda sport we ylym-bilim ulgamynda halkara gatnaşyklaryny giňeltmekde, ýaşlary sport arkaly terbiýelemekde hem-de halkara ylmy hyzmatdaşlygy ösdürmekde möhüm ähmiýete eýe boldy. «Sport – parahatçylygyň ilçisi» atly halkara maslahata gatnaşyjylar Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Hormatly Prezidentine, Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, şeýle hem guramaçylyk toparyna döredilen giň mümkinçilikler üçin tüýs ýürekden hoşallyklaryny bildirdiler.

**Arslan MYRADOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Ylym bölüminiň hünärmeni.**

## «SPORT — PARAHATÇYLYGYŇ ILÇISI» ATLY SPORT ÝARYŞLARYNYŇ ÝEŇIJILERI SYLAGLANYLDY



☑ 1 — 7-nji aprel aralygynda Bütindünýä saglyk gününi giňden dabaralandyrmak, bedenterbiýe-sport we sagdyn durmuş ýörelgelerini giňden wagyz etmek maksady bilen Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň hem-de Türkmenistanyň Milli talyplar sport federasiýasynyň bilelikde guramagynda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Köpugurly sport toplumynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň arasynda 7-nji aprel — Bütindünýä saglyk güni mynasybetli yglan edilen «Sport — parahatçylygyň ilçisi» atly köpçülikleýin sport ýaryşlary geçirildi.

Eziz Diýarymyzda uludan bellenilýän baýramçylyklaryň sagdyn durmuş ýörelgelerini dabaralandyrýan sport çäreleri bilen utgaşmagy bu ugurda netijeli işleriň durmuşa ornaşdyrylýandygyna şaýatlyk edýär. Şeýle dabaraly sport çäreleriniň biri hökmünde aprel aýynyň 1 — 7-si aralygynda sportuň futzal, basketbol, woleýbol, tennis we stol tennis görnüşleri boýunça geçirilen «Sport — parahatçylygyň ilçisi» atly sport ýaryşlaryny aýtmak bolar. Gyzgalaňly we guramaçylykly geçirilen bu sport ýaryşlaryna gatnaşyp, ýeňiji bolan ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlaryna Hormat hatlary, gymmatbahaly sowgatlar dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

**Maksatmuhammet ORAZDURDYÝEW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň mugallymy.**

## GÖRKEZME SAPAKLAR WE SPORT ÜSTÜNLIKLERINIŇ SERGISI

☑ Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda geçirilen «Sport – parahatçylygyň ilçisi» atly halkara ylmy-amaly maslahatyň çäklerinde tejribä esaslanýan görkezme sapaklar uly gyzyklanma döretdi. Halkara maslahatyň çäklerinde sanly ulgam arkaly Russiýa Federasiýasynyň Uýgunlaşma hokkeý federasiýasynyň wekili Anton Politow tarapyndan «Inklýuziw hokkeý» atly görkezme sapagy geçirildi. Sapagyň dowamynda sportuň dürli mümkinçilikleri, aýratyn zerurlyklara eýe bolan adamlar üçin döredilen şertler we inklýuziw çemeleşmäniň jemgyýetdäki ähmiýeti giňden beýan edildi.

Şeýle hem görkezme sapagy «Sport – hemmeler üçin» atly tema bilen dowam edip, sorag-jogap görnüşinde pikir alyşmalar, interaktiw duşuşyklar we okuw sapaklary bilen utgaşdy. Maslahata gatnaşyjylar bu sapagyň üsti bilen sportuň ynsanperwerlik ýörelgelerini dabaralandyrmagyň möhüm gurallarynyň biri hökmündäki ähmiýetini nygtap geçdiler. Bu ugurda ýurdumyzyň halkara derejesinde giňden tanalýan «Galkan» hokkeý toparynyň üstünlikleri üns merkezinde boldy. Aşgabadyň topary diňe bir halkara ýaryşlarda üstünlik gazanmak bilen çäklenmän, eýsem ýurdumyzda hokkeýiň ösmegine we ýaşlaryň bu sport görnüşine bolan höwesiniň artmagyna uly goşant goşýar. Bu bolsa Türkmenistanda hokkeýiň ösüşiniň barha giň gerime eýe bolýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

«Sport – parahatçylygyň ilçisi» atly halkara maslahatyň we okuw sapagynyň çäklerinde sport ulgamynyň ösüşini, gazanylan üstünlikleri hem-de sportuň dürli ugurlaryndaky innowasion çemeleşmeleri, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň «Olimp» ylmy-usuly merkeziniň hem-de ylmy gurnaklaryň alyp barýan işlerini görkezýän ýörite sergi ýaýbaňlandyryldy. Bu sergi sanly ulgam arkaly halkara maslahatyň daşary ýurtly gatnaşyjylarynyň hem ünsüni özüne çekdi. Olar Türkmenistanyň sport ulgamynda gazanan üstünlikleri, ýaş nesiller üçin döredilýän şertler bilen tanyşmaga mümkinçilik aldylar.

**Ilaman ÇÜRIÝEW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 1-nji ýyl talyby.**

# DÖWREBAP SPORT NEŞIRLERI

☑ Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň köpçülikleýin görnüşleri kafedrasynyň tälimçi-mugallymy Jennet Döwranowanyň ýurdumyzyň ussat tälimçileri Aýna Mämmedowa we Pawel Perewaruha bilen awtordaşlyk etmeginde «Gandbol oýnunyň nazaryýeti we usulyýeti» atly ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby Türkmen döwlet neşiryýat gullugy tarapyndan neşir edildi.

Ata Watanymyzda sport oýunlarynyň giňden oýnalýan görnüşleriniň biri bolan gandbol oýny ýaş nesilleri beden taýdan taplamakda, sagdyn ruhda terbiýelemekde möhüm orny eýeleýär. Bu okuw kitabynyň wezipesi bedenterbiýe mugallymlaryna, tälimçilere we türgenlere gandbol oýnunyň düzgünlerini, sport-türgenleşik işleriniň düzülişiniň hem-de işlenilişiniň esaslaryny, türgenleri tehniki we taktiki taýdan taýýarlamagyň usulyýetlerini, ýaryşlaryň guralyşynyň aýratynlyklaryny giňişleýin öwretmekden ybaratdyr.

Gandbol oýnunyň baý taryhy bar. Gadymy döwürlerde hem häzirki gandbol oýnunyň alamatlaryna meňzeş toply oýunlar bolupdyr. Gandbol oýny 1898-nji ýylda Daniýanyň Ordrup şäheriniň orta hünär mekdebiniň bedenterbiýe mugallymy Holger Nilsen (1866 — 1955 ýý) tarapyndan döredilýär. Ol öz okuw sapaklarynda her tarapda 7 adamdan ybarat bolan topar düzüp, uly bolmadyk meýdançada oýnadypdyr we «Handball» diýip atlandyrypdyr.

Kitapda ýaş türgenleriň beden we akyl taýdan fiziologik ösüşine yzygiderli gözegçilik etmek üçin geçirilýän lukmançylyk gözegçilikleriniň sanawy hem-de gandbolçylaryň iýmitleniş düzgünleri we iýmitleriň düzümi, hili, ýokumlylygy barada maglumatlar getirilýär. Okuw kitabynda gandbolçy türgenler bilen alnyp barylmaly, ýerine ýetirilmeli işleriň maksatnamasy, gün tertibi çyzgylarda we jedwellerde berilýär.

Bu kitap ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde bedenterbiýe we sport ugrundan bilim alýan talyplar üçin niýetlenilip, ondan ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlaýan tälimçiler, orta we ýokary okuw mekdepleriniň bedenterbiýe mugallymlary, sport mekdepleriniň hünärmenleri hem peýdalanyp bilerler.





# PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK ÜÇIN SPORT

☑ Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Birleşen Milletler Guramasynyň Nýu-Ýorkda ýerleşýän ştab-kwartirasynda ýaýbaňlandyrylan Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary arkaly ýurdumyzyň alyp barýan dünýä ähmiýetli sport syýasatynyň uly goldawa eýe bolmagynyň hormatyna dabaraly maslahat geçirildi. Mälim bolşy ýaly, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň 107-nji plenar mejlisinde ýurdumyzyň başlangyjy esasynda “Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary” atly Kararnama biragyzdan kabul edilipdi. Onda her ýylyň aprel-maý aýlarynda guramanyň ýanynda hereket edýän diplomatik we konsullyk wekilhanalarynyň, onuň Sekretariatynyň, ýöriteleşdirilen düzümleriniň işgärleriniň gatnaşmagynda sportuň dürli görnüşleri boýunça ýaryşlary geçirmäge çagyryş öz beýanyny tapýar.

Milletler Bileleşiginiň ştab-kwartirasynda hakyky sport baýramçylygy ruhunda guralýan çärelere şu ýyl dünýäniň 110 döwletine wekilçilik edýän diplomatik işgärleriň 800-den gowragy gatnaşýar. Onuň açylyş dabarasy hem Birleşen Milletler Guramasynyň ýokary wezipeli wekillerini, düzümleýin edaralarynyň, hemişelik wekilhanalaryň ýolbaşçylaryny, meşhur türgenlerdir tälimçileri, Dostluk oýunlarynyň hormatly ilçilerini bir ýere jemledi. Birnäçe günläp dowam edýän ýaryşlarda olara gatnaşyjylar adalatly bäsdeşlik we toparlaýyn ýaryşmak ruhunda sport diplomatiýasynyň ideallaryna ygrarlydyklaryny aýdyň görkezýärler. Oýunlaryň maksatnamasyna sportuň futbol, basketbol, woleýbol, badminton, stol tennisi, ylgaw, küşt, ýoga ýaly görnüşleri girizildi. Diplomatlaryň arasyndaky sport çäreleri maý aýynyň ortalaryna çenli dowam edip, ýapylyş dabarasynda ýeňijilere degişli baýraklar gowşurylýar.

**Selbi BÄŞIMOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

# ZEHINLI ÝAŞLAR – TÜRGENLERIŇ TÄZE NESLI

☑ «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň» 14-19-njy aprelinde Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda zehinli ýaşlary ýüze çykarmak, olaryň sporta bolan höwesini artdyrmak hem-de türgenleriň täze neslini kemala getirmek maksady bilen «Zehinli ýaşlar – türgenleriň täze nesli» atly sport hepdeligi ýokary guramaçylyk derejesinde geçirildi.

Sport hepdeliginiň çäklerinde bäsleşikler dürli ugurlary öz içine aldy. Olar umumy bedenterbiýe taýýarlygy, tizlik-güýç talap edýän sport görnüşleri, şeýle-de oýun we göreş görnüşleri boýunça geçirildi. Bu çäre ýaşlaryň köpugurly ukyp-başarnyklaryny ýüze çykarmaga giň mümkinçilik döretdi.

Bäsleşiklere ýurdumyzyň orta mekdeplerinden we sport mekdeplerinden zehinli ýaşlar gatnaşdylar. Ýaryşa gatnaşmak üçin 600-e golaý ýaşlar isleg bildirdiler. Hasaba alyş işleri döwrebap QR-kod ulgamy arkaly onlaýn görnüşde alnyp baryldy. Sport hepdeligine gatnaşanlaryň aglabasy halkara we döwlet derejesindäki ýaryşlarda üstünlik gazanan, sport bilen yzygiderli meşgullanýan zehinli türgenlerdir.

Hepdeligiň dowamynda ýaşlara häzirki zaman sport tehnologiýalary we innowasion çözgütler bilen tanyşmak mümkinçilikleri döredildi. Şeýle hem sanly ulgam arkaly bedenterbiýe we sport boýunça bäsleşikler hem guraldy. Bu bolsa ýaşlaryň sport bilen meşgullanmakda häzirki döwrüň sanly mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmaklaryna ýol açdy.

Sport hepdeliginiň aýratyn ähmiýetli tarapy – gutardyş synplarda okaýan, bu bäsleşikde ýokary netije görkezen hem-de ýokary sport taýýarlygyna eýe bolan ýaşlara Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda okuwy dowam etdirmek üçin ýeňillikleriň döredilmegidir. Sport hepdeligine gatnaşanlar ýaşlaryň arasynda sporty wagyz etmekde, olarda sagdyn durmuş ýörelgelerini, şeýle-de milli türgenleriň täze neslini kemala getirmekde bimöçber aladalary edýän Hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza hoşallyk sözlerini beýan etdiler.

**Ýelizaweta RAHMANOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň sport hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

# TÜRGENLERIMIZ HALKARA ÝARYŞLARYNDA

☑ Milli türgenlerimiz dürli ýurtlarda geçirilýän sport ýaryşlaryna gatnaşyp, baýrakly orunlara mynasyp bolýarlar. Bu barada ýurdumyzyň gazetleri we internet neşirleri habar berýärler.

5 — 10-njy aprel aralygynda Tailand Patyşalygynyň Bangkok şäherinde suwda ýüzmek boýunça dürli ýaşdaky türgenleriň arasynda geçirilen halkara ýaryşynda 16 — 18 ýaşly türgenleriň arasynda kebelekläp ýüzmek görnüşi boýunça 50 metr aralyga ýaryşmakda ildeşimiz Dawid Akopýan altyn medala mynasyp boldy. Dawid Akopýan häzirki wagtda Aşgabat şäherindäki 15-nji orta mekdebiň 12-nji synp okuwçysydyr. Ýaş türgenimiziň görkezen netijesi ýaryşyň rekordyny täzeledi. Halkara ýaryşa dünýäniň 6 döwletiniň sport klublarynyň 40-syndan 500-den gowrak türgen gatnaşdy.

Agyr atletika boýunça milli ýygyndy toparymyzyň ýaş türgenleri 6 — 11-nji aprel aralygynda Özbegistanyň Daşkent şäherinde geçirilen halkara ýaryşda üstünlikli çykyş etdiler. Onda Lebap welaýatynyň Saýat etrabyndaky 35-nji orta mekdebiň 10-njy synp okuwçysy Gülzada Hudaýberdiýewa 61 kilogram agram derejesinde çykyş edip, silterläp götermek boýunça bürünç, itekläp götermek boýunça kümüş, umumylykda hem kümüş medal gazandy. Ýaryşda 67 kilogram agram derejesinde çykyş eden paýtagtymyzdaky Ýaş olimpiýaçylary taýýarlaýyş mekdebiniň 10-njy synp okuwçysy Dawut Kakageldiýew itekläp götermekde bürünç medala mynasyp boldy.

Ýaşlaryň we ýetginjekleriň arasynda geçirilen bu halkara ýaryşa 6 döwletden 90-a golaý türgen gatnaşdy.

5 — 10-njy aprel aralygynda Hytaýyň Jiangyin şäherinde uşu boýunça geçirilen dünýä Kubogynda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň 4-nji ýyl talyby Göwher Gowşudowa oýnuň «Sanda» nusgasy boýunça kümüş medala eýe boldy.

Başa-baş söweş sungatynyň bu görnüşi boýunça dünýä Kubogyny almak ugrunda geçirilen halkara ýaryşda 116 türgen 26 ýurda wekilçilik etdi.

Ildeşlerimiziň halkara ýaryşlarynda görkezýän şular ýaly ýokary netijeleri ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlamagynda, Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan üstünlikli alnyp barylýan döwletimiziň sport diplomatiýasynyň täze ösüşlerinden habar berýär.

**Agabaý AKMYRADOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# BEDENTERBIÝE WE SPORT BOÝUNÇA V INTERNET BÄSLEŞIGI

☑ Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda her ýylyň aprel aýynda geçirilmegi däbe öwrülen bedenterbiýe we sport boýunça V internet bäsleşigi üstünlikli tamamlandy. Bäsleşige ýurdumyzyň 13 sany ýokary okuw mekdebinden talyplaryň 185-si işjeň gatnaşdylar. Bäsleşigiň esasy maksady bedenterbiýe we sport babatda talyplaryň bilimlerini artdyrmak, innowasiýalary we öňdebaryjy tejribeleri paýlaşmak, şeýle hem sanly ulgamyň giňden ornaşdyrylmagy bilen ýaşlaryň aň-düşünjesini ösdürmekden ybaratdyr.

Bäsleşigiň geçirilmegi üçin Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň maglumat-tehnologiýalarynyň üsti bilen «Zip-Grade» programma üpjünçiligi peýdalanyldy. Bäsleşige hödürlenen soraglar bedenterbiýe we sport ugrunda talyplaryň bilim derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirildi. Soraglar sportuň dürli ugurlary boýunça taýýarlanylyp, talyplara täze tehnologiýalar we öňdebaryjy usullar barada giňişleýin düşünje almaga mümkinçilik berdi.

Bäsleşikde anyk jogaplary bermekde we wagt artykmaçlygyny görkezmekde ýokary netijeleri görkezen talyplar ýeňijiler hökmünde kesgitlenildi. Şeýle bäsleşikler talyplaryň sagdyn durmuş ýörelgelerine bolan gyzyklanmalaryny artdyrmaga we sport ulgamynda täze mümkinçilikleriň açylmagyna uly itergi berýär. Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň 2025-nji ýylyň 8-nji fewralyndaky 20/155 belgili Düzgünnamasy bilen döredilen Guramaçylyk toparynyň gutarnykly çözgüdi bilen ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilen bedenterbiýe we sport boýunça V internet bäsleşiginiň netijeleri yglan edildi:

- Akmyradow Kakageldi, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty, 92 ball, I orun.
- Artykow Atajan, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty, 82 ball, I orun.
- Arslanowa Merjen, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty, 82 ball, I orun.
- Ýagmyrow Hanaly, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty, 80 ball, I orun.
- Hommiýew Arslan, Türkmenistanyň Döwlet energetika instituty, 74 ball, II orun.
- Gulçarow Kakamyrat, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň instituty, 74 ball, II orun.
- Baýrammyradow Halnazar, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk instituty, 72 ball, II orun.
- Emirow Söýünaly, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk instituty, 72 ball, II orun.
- Döwranow Umyt, Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy, 70 ball, III orun.
- Açyldurdyýew Derkar, Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika instituty, 70 ball, III orun.
- Rahmedow Batyr, Türkmen döwlet maliýe instituty, 68 ball, III orun.
- Kadyrow Atageldi, Türkmen döwlet medeniýet instituty, 66 ball, III orun.
- Abdyýew Akürgenç, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti, 54 ball, III orun.

Bedenterbiýe we sport boýunça V Internet bäsleşigine işjeň gatnaşyp, uly gyzyklanma bildiren talyp ýaşlaryň ählisine minnetdarlyk bildirýäris we ýeňiş gazanan talyplary tüýs ýürekden gutlaýarys!






## MILLI WE GUŞAKLY ALYŞ GÖREŞI BOÝUNÇA HALKARA ÝARYŞY

☑ Paýtagtymyzda 22 — 25-nji aprel aralygynda dowam eden milli göreş we guşakly alyş göreşi boýunça halkara ýaryşy halklaryň arasynda dost-doganlygy has-da berkitmekde möhüm ähmiýete eýe boldy.

Sport güýjüň, gözelligiň, saglygyň we täze belentliklere ýetmegiň aýdyň ýoludyr. Sport türkmen halkymyzyň ata-baba dowam edip gelýän durmuşynda toýlarda göreş tutmak, at çapdyrmak, altyn gabak atdyrmak, ýaglyga towusmak ýaly onlarça hereketli oýunlaryň mysalynda ýüze çykýar. Milli göreş barada «Gorkut ata», «Görogly» ýaly şadessanlarymyzda, «Ýusup-Ahmet», «Döwletýar» ýaly ýazuwly edebi ýadygärliklerimizde gymmatly maglumatlar berilýär. Şeýle-de dilden-dile geçip gelýän maglumatlara, ýazuw çeşmelerine salgylanylanda, türkmen halkynyň taryhynda ýerligi dürli welaýatlardan, etraplardan bolan Mahmyt pälwan (Pilmahmyt), Hudaýberdi pälwan, Bähbit pälwan, Annadurdy Ýagsoran, Öwezli pälwan, Päwi pälwan, Balkan pälwan ýaly meşhur pälwanlar bolupdyr.

Häzirki ajaýyp zamanamyzda bu meşhur pälwanlaryň goýup giden halypaçylyk mekdebi döwlet derejesinde gaýtadan öwrenilip, döwürdeş pälwanlarymyz halkara derejeli bäsleşiklerde üstünlikli çykyş edip gelýärler. Şeýle-de toý-baýramlarymyzda milli göreş boýunça baýrakly orunlar ugrunda bäsleşikler barha giňden ornap barýar.

Yurdumyzda bedenterbiýäni we sporty döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň birine öwren Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda hemişe üstünlik arzuw edýäris.

**Akmeňli KAKABAÝEWA,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 1-nji ýyl talyby.**

☑ Aşgabatda guralan milli göreş we guşakly alyş göreşi boýunça halkara ýaryşynyň jemleri jemlenildi. 22-25-nji aprel aralygynda dowam eden ýaryşlarda milli göreş boýunça erkek türgenler 57, 62, 68, 75, 82, 90, 100 we 100-den ýokary agram derejelerinde bäsleşdiler. Guşakly Alyş göreşi boýunça tutluşyklara erkek türgenler 60, 70, 80, 90, 100 we 100-den ýokary kilogram agram derejelerinde, zenan türgenler 55, 60, 65, 70 kilogram agram derejelerinde gatnaşdylar.

Türkmenistandan bu iri sport bäsleşigine 23 erkek we 8 zenan türgen gatnaşdy. Türgenlerimiziň mynasyp bolan altyn, kümüş, bürünç medallary ýurdumyzda milli sporty ösdürmäge berilýän aýratyn ünsüniň aýdyň mysaly boldy. Milli türgenlerimiz halkymyzda asyrlar, müňýyllyklar bäri dowam edip gelýän, bu günki gün halkara sport bäsleşikleriniň barha meşhurlyga eýe bolýan nusgalaryna öwrülen milli göreş we guşakly alyş görnüşi boýunça gazanan tejribelerini aýdyň ýüze çykaryp, ýaryşyň belent münberlerinden orunlary eýelediler.

Halkara ýaryşy dünýä döwletlerinden gelen hormatly myhmanlar: türgenler, eminler, wekiliýet agzalary, žurnalistler üçin türkmen myhmansöýerliginiň ýene-de bir mertebe dürli öwüşginlerde açylan çäresi boldy. Ýaryşlardan boş wagtlarynda myhmanlaryň paýtagtymyz Aşgabat şäheriniň, şeýle-de Arkadag şäheriniň gözel künjeklerine gezelençleri hem guraldy.

**Arazsoltan MÄMMEDOWA,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**

# «АРКАДАГ» ВЫШЕЛ В ФИНАЛ ЛИГИ ВЫЗОВА АФК

☑ Футболисты «Аркадага» вышли в финал Лиги вызова АФК-2024/25, победив в полуфинале по сумме двух игр спортивный клуб «Аль Араби» из Кувейта.

Первый матч этих соперников неделю назад в Эль-Кувейте завершился победой кувейтской команды — 2:0. Ответный состоялся сегодня в «умном» городе Аркадаг, который второй раз в нынешнем году принимал международный матч. Первый состоялся 12 марта в рамках четвертьфинала Лиги вызова АФК, в котором «Аркадаг» дважды переиграл индийский «Ист Бенгал»: 1:0 – в гостях и 2:1 – дома.

Первый гол забили на 7-й минуте, когда Шаназар Тиркишов, получив мяч от Язклыча Курбанова, убрал в штрафной площади на замахе защитника и правой ногой точно пробил в дальний угол.



До конца первого тайма больше опасных моментов у ворот обеих команд не возникло.

Вторая половина встречи прошла в более интересной борьбе. Хозяева поля заиграли активнее в атаке и вскоре вновь добились успеха. На 58-й минуте с места правого инсайда Ибрайым Маммедов сделал дальнюю выверенную подачу на Шаназара Тиркишова, который слёту с близкого расстояния, казалось, бил наверняка. Но мяч сначала попал во вратаря, затем в штангу и только потом отлетел к Алтымураду Аннадурдыеву, которому не составило большого труда отправить его с трёх метров в пустые ворота.

Последние минуты второго тайма оказались самыми интересными и напряжёнными в матче. Сначала на 88-й минуте решить судьбу путёвки в финал в свою пользу упустили гости, когда вышедший на замену Салман Аль-Авадхи ворвался в штрафную, обыграл защитника, но переиграть вратаря Рустема Ахаллыева не смог. А спустя две минуты поставить победную точку в двухматчевом противостоянии мог Алтымурад Аннадурдыев. Но, обыграв вратаря, он с 20 метров не попал в незащищённые ворота.

И всё же в компенсированное время удача улыбнулась двукратному действующему чемпиону Туркменистана. На 94-й минуте Алтымурад Аннадурдыев, убежав по левому флангу от своего опекуна, сделал прострел вдоль ворот, и оказавшийся первым на мяче Шаназар Тиркишов оформил дубль и вывел туркменский клуб в финал Лиги вызова АФК.

Соперник «Аркадага» по финалу определится по итогам ответной игры между командами «Преа Хан Рич Свай Риенг» (Камбоджа) — «Мадура Юнайтед» (Индонезия). Первый матч этих соперников в Камбодже завершился победой «Преа Хан Рич Свай Риенг» — 3:0.

Финал Лиги вызова АФК состоится 10 мая 2025 года.

**www.turkmenistan.gov.tm**

## HALKARA BEDENTERBIÝE FEDERASIÝASYNYŇ KONGRESI




☑ 2025-nji ýylyň 24-27-nji apreli aralygynda Türkiýäniň Antalýa şäherinde XIX FIEPS Ýewropa kongresi geçirildi. Bu abraýly halkara çäresi bedenterbiýe we sport ylymlary ugrundaky täze çemeleşmelere, ylmy tejribelere hem-de ýaş hünärmenleriň taýýarlanylmagyna gönükdirilendir.

«Kämillige ruhlandyrmak: bedenterbiýe we sport biliminiň geljegini güýçlendirmek» şygary astynda bu kongres FIEPS (Halkara bedenterbiýe federasiýasy) tarapyndan ýokary guramaçylyk derejesinde guraldy. Oňa dünýäniň 43 döwletinden gelen takmynan 250 sany wekiliň gatnaşmagy çäräniň ähmiýetini has-da artdyrdy.

2025-nji ýylyň 17-nji fewralynda diplomatik ýollar arkaly Halkara bedenterbiýe federasiýasynyň Ýewropa kongresiniň başlygy Prof. Dr. Neşe Şahiniň ýokary okuw mekdebimize ýollan resmi çakylyk haty esasynda halkara ylmy-amaly maslahatyň gün tertibine Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutyndan ylmy çykyşlaryň girizilmegi buýsandyryjydyr. Bu ýagdaý ýokary okuw mekdebimiziň «Olimp» ylmy-usuly merkezinde alnyp barylýan ylmy-barlag işlerine halkara ylmy jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çekmegine, bu merkeziň Ýewraziýa Sport ylymlary bileleşigi tarapyndan geljekde halkara akkreditasiýasyny geçmegine giň ýol açýar. 2025-nji ýylyň 4-nji aprelinde Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda guralan «Sport – parahatçylygyň ilçisi» atly sanly ulgam arkaly halkara ylmy-amaly maslahatyna Ýewraziýa sport ylymlary birleşiginiň ýolbaşçylar düzüminiň wekilleriniň gatnaşmagy bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny ýola goýmakda möhüm ädim boldy.

FIEPS Ýewropa kongresiniň netijeleri boýunça taýýarlanyljak ylmy neşirleri «Scopus» we «SPORTDiscus» ýaly abraýly halkara indekslerde ýerleşdirmek meýilleşdirilýär. Guramaçylyk topary bu abraýly halkara çäräniň üstünlikli geçirilmegine goşant goşan ähli hyzmatdaşlara, gatnaşyjy kärdeşlere hem-de işjeň gatnaşan topar agzalaryna tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdiler.

**Berdimyrat ÖWEZOW,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Ylym bölüminiň hünärmeni.**

«Talyp sporty» aýlyk elektron gazeti

*Esaslandyryjysy — Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty*

Salgysy: 744013, Aşgabat şäheri, Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 40.
Telefon: +99312 22-65-47
Faks: +99312 22-65-70
Elektron salgymyz: tdbsi@sanly.tm

Gazeti elektron görnüşde «tdbsi.edu.tm» internet sahypasyndan hem-de «tdbwesi.sanly» bilim portalyndan okap bilersiňiz.

Jogapkär redaktor: Arslan Myradow.

Redaksiýanyň geňeş agzalary:
A.Saryýew, H.Apbaýew, O.Jumalyýewa, G.Mämmetsähedow, O.Isenowa, Ç.Baýramowa, M.Ýaýlymow, Ş.Nepesow, A.Akmyradow, S.Bäşimowa, I.Çüriýew, B.Mollaýew.